**TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI**
***ГОСУДАРСТВЕННЫЙ КОМИТЕТ ТУРКМЕНИСТАНА ПО СТАТИСТИКЕ***

# IŞGÄRLERIŇ SANYNYŇ WE IŞ HAKYNYŇ STATISTIKASY BOÝUNÇA GOLLANMA

# *ИНСТРУКЦИЯ ПО СТАТИСТИКЕ ЧИСЛЕННОСТИ И ЗАРАБОТНОЙ ПЛАТЫ РАБОТНИКОВ*

**AŞGABAT – 2017**
***АШХАБАД – 2017***

**TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI**

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2017-nji ýylyň 24-njy martyndaky № 15 buýrugy bilen tassyklandy**

# IŞGÄRLERIŇ SANYNYŇ WE IŞ HAKYNYŇ STATISTIKASY BOÝUNÇA GOLLANMA

**AŞGABAT – 2017**

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň Zähmetiň we iş hakynyň statistikasy müdirligi tarapyndan 2017-nji ýyl üçin maksatnamasyna laýyklykda Işgärleriň sanynyň we iş hakynyň statistikasy boýunça gollanma taýýarlanyldy.


Umumy ýolbaşçy: – G.A. Nurmyradowa, Zähmetiň we iş hakynyň statistikasy müdirliginiň başlygy, tel.: 94-27-48

Ýerine ýetirijiler: – Ýe. W. Mamonowa, Zähmetiň we iş hakynyň statistikasy müdirliginiň başlygynyň orunbasary, tel.: 94-14-50, 94-01-57

– O. D. Gatyýewa, baş hünärmen

– M.A. Hojanazarowa, baş hünärmen

– M.D. Annaýewa, baş hünärmen


***© 2017 ý., Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti***

# MAZMUNY


| | | Sah. |
|---|---|---|
| | Sözbaşy | 5 |
| 1. | Umumy düzgünler | 6 |
| 2. | Sanaw boýunça işgärleriň sany | 9 |
| 3. | Ortaça iş hakyny hasaplamak üçin işgärleriň hakyky sany | 14 |
| 4. | Sanawyň düzüminde bolmadyk işgärleriň sany | 17 |
| 5. | Işgärleriň hereketi we iş orunlary | 18 |
| 6. | Iş wagtyny peýdalanmak | 20 |
| 7. | Iş haky | 21 |
| 8. | Iş haky gaznasy | 22 |
| 9. | Guramanyň iş haky gaznasynda hasaba alynmaýan çykdajylary | 28 |
| | Goşundy | 30 |

## Sözbaşy

Işgärleriň sanynyň we iş hakynyň statistikasy boýunça gollanma (mundan beýläk – Gollanma) Türkmenistanyň Zähmet kodeksine we işgärler bilen iş berijileriň arasyndaky zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy we hukuk namalaryna girizilen üýtgetmelere laýyklykda gaýtadan seredildi.

Şu Gollanma işgärleriň sanynyň we iş hakynyň statistikasy boýunça esasy görkezijileriň düzümini we olary emele getirmegiň usulyýetini kesgitleýär. Gollanma Türkmenistanyň çäginde ykdysady işi amala aşyrýan, döwlet statistik hasabat formalaryny berýän respondentler[1] üçin niýetlenendir.

Statistik tejribesine täze döwlet statistik hasabat formalary girizilende we hereket edýänleri kämilleşdirilende hem-de Türkmenistanyň kanunçylyk binýadyna üýtgetmeler girizilende Gollanma degişli üýtgetmeler girizilýär.

---

[1] «Statistika hakynda» Türkmenistanyň kanuny. 1 bap, 1 madda, 10 bent „respondentler - döwlet statistika edaralaryna we oňa ygtyýarlylygy bolan edaralara bellenilýän tertipde ilkinji statistik maglumatlary berýän Türkmenistanyň fiziki şahslary, ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we öý hojalyklary, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurt ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we halkara guramalary“

## 1. Umumy düzgünler

1.1. Şu gollanma respondentler tarapyndan döwlet statistik hasabat formalarynda işgärleriň sany we iş haky boýunça maglumatlar doldurylanda ulanylýar.

1.2. Respondentler döwlet statistik hasabat formalaryny bellenen döwürleýinligi bilen, formalaryň blankalarynda görkezilen salgylara we möhletlerde berýärler. Zähmet boýunça döwlet statistik hasabatlylyk düzülende esasy talaplar hasabatyň dolduryly şynyň dolulygy we hasabat maglumatlarynyň dogrulygy bolup durýar. Hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlaryň döwlet statistika edaralaryna berilmegini «Administratiw hukuk bozulmalary hakynda» Türkmenistanyň kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda administratiw jogapkärçilik çäreleri göz öňünde tutulýar.

1.3. Ýuridik şahsyň ýerleşýän ýerinden başga administratiw birligiň çäginde ýerleşýän aýrybaşgalanan düzüm birlikleri (şahamçalar, wekillikler, bölümler we beýlekiler) zähmet boýunça döwlet statistik hasabat formalaryny ýerleşýän ýerindäki döwlet statistika edarasyna berýärler. Aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň zähmet boýunça döwlet statistik hasabatlylygy düzmek üçin zerur maglumatlary ýok bolan halatynda, olaryň ýerine hasabaty özünden ýokardaky guramasy (ministrlik, pudak edarasy we ş.m.) düzýärler we aýrybaşgalanan birligiň bolýan ýerindäki döwlet statistika edarasyna berýärler.

Şeýle ýagdaýlarda özünden ýokardaky guramasy (ministrlik, pudak edarasy we ş.m.) ýerleşýän ýerindäki döwlet statistika edarasyna tutuş birleşik boýunça hasabat bilen bir hatarda beýleki welaýatlaryň, etraplaryň (şäherleriň) we beýleki ýurtlaryň çäklerinde ýerleşýän düzüm birlikleri boýunça maglumatlary goşmazdan hasabaty berýärler.

1.4. Zähmet boýunça statistik hasabatlylyk wagtyň berk bellenen senenama hasabat döwri üçin düzülýär: aý, çärýek, ýyl.

Aýlyk hasabat aýyň birinji gününden iň soňky güni (goşmak bilen) aralykdaky döwür üçin düzülýär.

Çärýeklelik hasabat çärýegiň birinji aýynyň birinji gününden hasabat çärýeginiň üçünji aýynyň iň soňky güni (goşmak bilen) aralykdaky döwür üçin düzülýär.

Ýyllyk hasabat – hasabat ýylynyň 1-nji ýanwaryndan 31-nji dekabr aralygyndaky döwür üçin düzülýär.

1.5. Kärhanalarda zähmet boýunça döwlet statistik hasabatlylygy ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň bir ülnä getirilen formalarynyň esasynda düzülýär. Ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň esasy görnüşleri şular bolup durýar:

– işe kabul etmek, başga işe geçirmek, rugsatlary bermek, zähmet şertnamasyny ýatyrmak hakynda buýruklar;

– şahsy kartoçka;

– iş wagtynyň ulanylyşyny we zähmet hakynyň hasaplanyşyny hasaba alyş tabeli;

– hasaplaşyk-töleg wedomostlary;

– şahsy hasaplar.

1.6. Iş wagtynyň ulanylyşyny we zähmet hakynyň hasaplanyşyny hasaba alyş tabelde işe gelmezligiň sebäpleri baradaky, doly däl iş güni işlenendigi baradaky, iş wagtyndan artyk işlenendigi we iş wagtynyň kadaly dowamlylygyndan beýleki çykmalar baradaky bellikler degişli görnüşde resmileşdirilen resminamalar (buýruklar, iş berijiniň ýazmaça görkezmeleri, zähmete ukypsyzlyk hatlary, boş durmagyň sebäpleri baradaky teswirnamalar, döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlarynyň ýerine ýetirilendigi barada kepilnamalar we beýlekiler) bilen tassyklanylýar.

1.7. Düzüm gurluşy üýtgän ýagdaýynda zähmet boýunça maglumatlar şu tertipde düzülýär:

1.7.1. hasabat döwrüniň dowamynda bir kärhananyň düzüm birliklerini we aýry-aýry bölümlerini beýleki kärhana birleşdirilen bolsa, onda düzüm birlikleri we bölümleri aýrylan respondendiň şu ýylyň başyndan bäri döwür üçin zähmet boýunça statistik hasabatlylygynda görkezilen maglumatlar aýrylýar we düzüm birlikleri we bölümleri kabul edilen kärhananyň şu ýylyň başyndan bäri döwür üçin hasabatyna goşulýar;

1.7.2. ýatyrylan ýagdaýynda respondent döwlet statistika edaralaryna hasabat ýylynda özüniň ýatyryş balansy berilýän pursatyna çenli işi barada döwlet statistik hasabatlylygy berýär;

1.7.3. düzüm birligi (önümçilik, seh, uçastok we beýleki) özbaşdak hojalyk subýekti hökmünde bölünip aýrylan kärhana zähmet boýunça statistik hasabat formalaryny bölünip aýrylan düzüm birligi

boýunça ýylyň başyndan bäri döwrüň degişli görkezijilerini aýyrmak bilen doldurýar;

1.7.4. kärhana iki ýa-da şondan köp özbaşdak hojalyk subýektine bölünen ýagdaýynda täze dörän her bir kärhana hasabat döwrüniň maglumatlaryny hasabat ýylynyň başyndan bäri döwrüň görkezijilerini goşmak bilen görkezýär;

1.7.5. edara görnüşindäki tarap gurluş birligi özüniň dörän pursatyndan bäri maglumatlary hasabata hasabat ýylynyň başyndan bäri degişli görkezijileri goşmak bilen görkezýär;

1.7.6. iki ýa-da şondan köp hojalyk subýektleriň goşulan ýagdaýynda täze döredilen kärhana döwlet statistik hasabat formalarynda zähmet boýunça maglumatlary goşulan hojalyk subýektleriniň hasabat ýylynyň başyndan bäri döwürdäki görkezijilerini goşmak bilen görkezýär;

1.8. Eýeçiligiň ýa-da guramaçylyk-hukuk görnüşleri üýtgände respondentiň täze hukuk derejesi boýunça maglumatlar şu üýtgemäniň bolup geçen aýyndan başlap görkezilýär. Ýylyň başyndan bäri geçen aýlaryň ozalky hukuk derejesi boýunça maglumatlar zähmet boýunça hasabatlylykdan aýrylmaýar.

1.9. Hasabat döwründe kärhananyň gurluşy ýa-da zähmet boýunça statistik görkezijileri kesgitlemegiň usulyýeti üýtgän ýagdaýynda hasabat ýylynyň başyndan döwür üçin şeýle hem geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary hasabat döwründe kabul edilen usulyýetden ugur almak bilen getirilýär.

1.10. Zähmet boýunça döwlet statistik hasabatlylygy düzülende Türkmenistanyň işçileriniň, hünärleriniň we gullukçylarynyň wezipeleriniň döwlet klassifikatory, Türkmenistanyň işleriniň döwlet klassifikatory we beýlekiler peýdalanylýar.

## 2. Sanaw boýunça işgärleriň sany

Sanaw boýunça işgärleriň sany zähmet şertnamasy (möhletli ýa-da möhletsiz) boýunça işe kabul edilen işgärler, şol sanda şu kärhanada iş hakyny alan kärhananyň eýeleri goşulýar. Hasabatda hakyky işleýänler hem, haýsydyr bir sebäpler boýunça wagtlaýyn ýok işgärler hem hasaba alynýar.

2.1. Düzüm sanawyna bütin birlikde şu aşakdaky işgärler goşulýar:

2.1.1. hakyky işe gelenler, işden boş durandygy sebäpli işlemedikleri hem goşmak bilen;

2.1.2. synag möhleti bilen işe kabul edilenler;

2.1.3. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 63-nji maddasyna laýyklykda, doly däl iş güni ýa-da doly däl iş hepdesi işlemek şerti bilen işe kabul edilenleri, şeýle hem doly däl zähmet hakyna (stawka) işe bilen kabul edilenler.

Sanaw boýunça işgärleriň sanynda görkezilen işgärler zähmet şertnamasynda ýa-da köpçülikleýin şertnamada bellenen hepdäniň iş däl günlerini goşmak bilen, her senenama güni hasaba alynýar.

Doly däl iş güni ýa-da doly däl iş hepdesi şertlerinde işe kabul edilen işgärlere kanunçylyga laýyklykda iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenen aýry-aýry toparlary, hususan-da, 18 ýaşamadyk işgärler, zähmetiň zyýanly we howply (aýratyn zyýanly we aýratyn howply) şertleri bolan işlerde işleýänler, maýyplygy bolan adamlar, çagany naharlamak üçin iş wagtynda goşmaça arakesme berilýän aýallar degişli däldir;

2.1.4. gulluk saparlaryna, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşyna gulluk saparlaryna ugradylan işgärler, eger şol kärhanada olaryň iş haky saklanyp galýan bolsa;

2.1.5. öýünde şahsy zähmeti bilen işleri ýerine ýetirmek barada kärhana bilen zähmet şertnamasyny baglaşanlar (öýünde işleýän).

Sanaw boýunça işgärleriň sanynda öýünde işleýän her senenama güni bütin birlik hökmünde hasaba alynýar;

2.1.6. öýünde işleýän işgärleriň (wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy, rugsatlar bilen bagly we beýleki sebäpler boýunça) ornuny tutmak üçin kabul edilenler;

2.1.7. beýleki kärhanalardan wagtlaýyn işe çekilenler, eger olaryň esasy iş ýerleri boýunça iş haky saklanyp galmaýan bolsa;

2.1.8. bilim edaralarynyn zähmet kanunçylygyna laýyklykda kabul edilen talyplary we okuwçylary. Eger olar iş ýerlerine ýa-da wezipe birliklerine (mundan beýläk – iş ýerleri) işe kabul edilen bolsalar, bilim edaralarynyň önümçilik tejribesini geçýän döwürlerinde kärhanada işleýän talyplary we okuwçylary;

2.1.9. tabşyryklar boýunça kärhananyň daşynda işleýän işgärler, eger olar şu kärhanada iş hakyny alýan bolsalar;

2.1.10. wahta usuly bilen ýa-da meýdan şertlerinde işleri ýerine ýetirmek üçin ugradylan işgärler;

2.1.11. Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän hojalyk subýektlerinde işleýän daşary ýurt raýatlary.

2.2. Sanaw boýunça işgärleriň sanyna aşakdaky sebäpler boýunça wagtlaýyn işde bolmaýan işgärler hem bütin birlikde goşulýar:

2.2.1. wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy netijesinde işe gelmedikler (näsaglyk döwrüniň bütin dowamynda işe çykýança, ýa-da işden çykýança, ýa-da degişli maýyplygyň bellenendigi bilen bagly işden çykyp gidýänçä);

2.2.2. döwlet we jemgyýetçilik borçlarynyň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly işe çykmadyklar;

2.2.3. wagtlaýynça oba hojalyk we beýleki işlere çekilýän işgärler, eger olaryň esasy iş ýerleri boýunça iş haky doly ýa-da bölekleýin saklanyp galýan bolsa;

2.2.4. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 84-nji maddasyna laýyklykda we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) we zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan rugsatlarda bolýan işgärler;

2.2.5. işden aýrylmak şerti bilen okuwa, seminarlara, tejribe okuwlaryna iberilen işgärler, eger olaryň iş haky saklanyp galýan bolsa;

2.2.6. on sekiz ýaşamadyk maýyp çagany terbiýeleýän we oňa Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 246-njy maddasyna laýyklykda aýda bir gezek goşmaça dynç güni berilýän, işleýän ene-ata (hossar);

2.2.7. kärhananyň iş tertibine laýyklykda, şeýle hem iş wagtynyň jemlenip hasaba alynýan ýagdaýynda iş wagtyndan daşary işlän wagty üçin dynç güni alýan işgärler;

2.2.8. dynç günleri, şeýle hem işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günleri işländigi üçin, iş wagtyndan daşary işländigi üçin, nobatçylyk üçin dynç gün alan işgärler;

2.2.9. administratiw kanun bozmalar üçin administratiw tussag edilen işgärleri goşmak bilen, işe gelmedikler;

2.2.10. kazyýetiň çözgüdi çykarylýança derňew astynda bolýandyklary sebäpli işden çetleşdirilenler ýa-da işden çetleşdirmegiň beýleki ýagdaýlaryndan işden çetleşdirilenler. Kazyýetiň işi dowam etdirmegi aradan aýyrýan hökümi güýje giren mahalynda ol işe çykmadyk birinji gününden başlap sanaw düzüminden çykarylýar;

2.2.11. näbelli sebäpler boýunça işe gelmedikler. Işe gelmezliginiň sebäbi anyklanandan soň, zerur bolan ýagdaýynda sanaw boýunça işgärleriň sany gaýtadan hasaplanyp bilner (mysal üçin, eger işe gelmezligiň sebäbi işgäriň aradan çykmagy bolan bolsa).

2.3. Sanaw boýunça işgärleriň sanyna şular goşulmaýar:

2.3.1. beýleki hojalyk subýektlerinden işleri utgaşdyrmak görnüşinde işe kabul edilenler (mundan beýläk – daşyndan utgaşdyryp işleýänler).

Bir kärhana bir iş möçberinden köp ýa-da az hak alýan ýa-da şol bir kärhana esasy işinden boş wagtynda utgaşdyryp işlemek tertibinde (içerki utgaşdyryp işleýän) işe kabul edilen işgär sanaw boýunça işgärleriň sanynda bir adam hökmünde hasaba alynýar;

2.3.2. raýat-hukuk häsiýetli baglaşylan şertnamalar (potratçylyk şertnamasyny goşmak bilen) boýunça işleri ýerine ýetirýän işgärler.

Düzüm sanaw boýunça işgärleriň sanynda durýan we bir kärhana raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary baglaşan işgär sanaw boýunça işgärleriň sanynda bir adam hökmünde hasaba alynýar.

Sanaw boýunça işgärleriň sanynda durýan we gurluş birligi ýa-da başga bir kärhana bilen raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary baglaşan işgär sanaw boýunça işgärleriň sanynda esasy iş ýeri boýunça hasaba alynýar;

2.3.3. bir gezekleýin işleri ýerine ýetirmek üçin çekilenler (saglygy goraýyş edaralarynda maslahat bermek üçin çekilen lukmanlar, seljeriş geçirmek boýunça, esbaplary abatlamak, aklamak, reňklemek we ş.m. işler üçin çekilenler);

2.3.4. oba hojalyk önümçiliginde we hojalyk subýektlerine berkidilen ýerlerde ýer gurluşyk işlerinde işleýänler.

2.3.5. işçi güýjüni bermek üçin döwlet guramalary bilen baglaşylan ýörite şertnama laýyklykda kärhanada işlemek üçin çekilenler (harby gullukçylar we azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezasyny çekýän adamlar);

2.3.6. beýleki hojalyk subýektinde wagtlaýyn işlemek üçin ugradylanlar, eger olaryň esasy iş ýerleri boýunça iş haklary saklanyp galmaýan bolsa;

2.3.7. ýokary ýa-da orta hünärment mekdebini tamamlandan soň rugsatda bolýan, işe ugradylan edarasyndan rugsat wagty üçin kömek puluny alan ýaş hünärmenler;

2.3.8. işden çykmak barada arza beren we duýduryş möhleti tamamlanmanka işlemegi bes eden ýa-da iş berijini duýdurmazdan işe çykmagyny bes eden işgärler. Olar sanaw boýunça işgärleriň sanynda işe gelmedik birinji gününden başlap aýrylýar;

2.3.9. hojalyk subýektiniň iş hakyny almaýan eýeleri (esaslandyryjylary).

2.4. Sene ýagdaýyna sanaw boýunça işgärleriň sany – bu hojalyk subýektiniň belli bir sene ýagdaýyna, mysal üçin, aýyň birine ýa-da iň soňky güni ýagdaýyna işe kabul edilen iş ýerleri goşmak bilen we işden çykarylan işgärleri aýyrmak bilen sanaw boýunça işgärleriň sanydyr. Işden çykarylan işgärler sanaw boýunça işgärleriň sanyndan işe çykmadyk birinji gününden başlap aýrylýar. Sanaw boýunça işgärleriň sanynda her senenama güni hakyky işlän işgärler hem, haýsydyr bir sebäpler boýunça işde bolmadyk işgärler hem hasaba alynýar.

Dynç güni, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra güni üçin sanaw boýunça işgärleriň sany ondan öňki iş gününiň sanaw boýunça işgärleriň sanyna deň kabul edilýär, ondan şol gün iň soňky iş güni bolan işgärler aýrylýar. Bir ýa-da şondan köp dynç güni, yzygider işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günleri bolanda şu günleriň her biri üçin sanaw boýunça işgärleriň sany dynç günleriniň, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günleriniň öňündäki iş gününiň sanaw boýunca işgärleriň sanyna deň kabul edilýär.

2.5. Döwür boýunça sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany şu görnüşde hasaplanýar:

2.5.1. hasabat aýynda sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany (hasabat döwründe sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany), dynç

günlerini, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerini goşmak bilen, hasabat aýynyň her senenama güni üçin, ýagny aýyň 1-den 31-i (fewral aýy üçin – 28-i ýa-da 29-y) aragalygyndaky her bir güni üçin sanaw boýunça işgärleriň sanyny goşmak we alnan jemi hasabat aýynyň senanama günleriniň sanyna bölmek ýoly bilen hasaplanyp çykarylýar (goşundynyň 1-nji mysaly).

2.5.2. aýda doly işlemedik (mysal üçin döredilen, ýatyrylan, önümçiliginiň möwsümleýin häsiýeti bolan we ş.m.) hojalyk subýektleriniň aýdaky sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany dynç günlerini, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerini goşmak bilen, hasabat aýynda hojalyk subýektleriniň ähli iş günleriniň sanaw boýunça işgärleriň sany hasabat aýyndaky senenama günleriniň umumy sanyna bölmek ýoly bilen hasaplanyp çykarylýar (goşundynyň 2-nji mysaly).

2.5.3. çärýekde sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany hojalyk subýektiniň çärýekde işlän ähli aýlary üçin sanaw boýunça işgärleriň ortaça sanyny goşmak we alnan jemi 3-e bölmek ýoly bilen kesgitlenýär (goşundynyň 3-nji mysaly).

2.5.4. eger hojalyk subýekti çärýekde doly işlemedik bolsa, onda çärýekde sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany hasabat çärýeginde işlenen ähli aýlar üçin sanaw boýunça işgärleriň sanyny goşmak we alnan jemi 3-e bölmek ýoly bilen kesgitlenýär (goşundynyň 4-nji mysaly).

2.5.5. ýylyň başyndan hasabat aýy aralygyndaky döwürde sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany ýylyň başyndan hasabat aýy aralygyndaky döwür üçin sanaw boýunça işgärleriň sanyny goşmak we alnan jemi ýylyň başyndan bäri aýlaryň sanyna, degişlilikde, 2-ä, 3-e, 4-e ... 7-ä ... 12-ä bölmek ýoly bilen kesgitlenýär (goşundynyň 5-nji mysaly).

2.5.6. bir ýylda sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany hasabat ýylynyň ähli aýlary üçin ortaça işgärleriň sanyny goşmak we alnan jemi 12-ä bölmek arkaly kesgitlenýär (goşundynyň 6-njy mysaly).

2.5.7. eger kärhana öz işini bir ýylda doly amala aşyrmadyk bolsa (mysal üçin, işiň möwsümleýin häsiýetde bolmagy sebäpli ýa-da ýanwar aýyndan soň döredilen bolsa), onda bir ýyl üçin sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany ýylyň her aýy üçin sanaw boýunça işgärleriň sanyny goşmak we alnan jemi 12-ä bölmek arkaly kesgitlenýär (goşundynyň 7-nji mysaly).

## 3. Ortaça iş hakyny hasaplamak üçin işgärleriň hakyky sany

3.1. Ortaça iş hakyny hasaplaplamak üçin işgärleriň hakyky sany (mundan beýläk – sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany) hasaplanylanda sanaw boýunça işgärleriň sanyndan işe gelinmedik ähli senenama günler üçin işgärleriň şu toparlary aýrylýar:

3.1.1. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 96-njy maddasyna laýyklykda göwrelilik we çaga dogranlygy boýunça rugsatda, şeýle hem çaga seretmek boýunça rugsatda bolýanlar;

3.1.2. zähmet haky tölenilmeýän rugsatda bolýanlar;

3.1.3. wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy ýa-da näsaga seredendigi sebäpli işe çykmadyklar, işe gelmezlikleri näsaglyk hatlary ýa-da kepilnamalar bilen resmileşdirilen ýagdaýynda, näsaglygyň dowam eden ähli senenama günleri üçin. Eger näsaglygyň soňky güni hepdäniň soňky iş gününe (mysal üçin, anna gününe) ýa-da baýramçylyk gününe (mysal üçin, 7-nji marta) düşýän bolsa, onda soňky dynç günleri we baýramçylyk günleri üçin sanaw boýunça ortaça sany hasaplanylan mahalynda bu işgärler goşulýar;

3.1.4. kazyýetiň hökümi çykarylýança derňew astynda bolýanlar. Işgäre kazyýetiň hökümi bilen işi dowam etdirmegi aradan aýyrýan jeza çäresi berilmedik bolsa, onda işgär işe çykmadyk birinji gününden başlap sanaw boýunça ortaça sanyna goşulýar;

3.1.5. donor işgärler, gan we onuň komponentlerini tabşyrýan günleri, şeýle hem şondan soň berlen dynç günleri (ortaça iş hakynyň saklanyp galýan günleri muňa girmeýär);

3.1.6. sanaw boýunça ortaça sanynda durmaýan we işçi güýjüni bermek barada döwlet guramalary bilen baglaşylan ýörite şertnamalar boýunça işe çekilenler (harby gullukçylar we azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezasyny çekýän adamlar), üznüksiz arakhorlykdan ejir çekýän, Ýörite dikeldiş merkezine ýerleşdirilen we zähmet çekmäge çekilen näsaglar olaryň çekilen hojalyk subýektiniň sanaw boýunça ortaça sanynda işe çykan günleri boýunça doly birlik hökmünde hasaba alynýar;

3.1.7. iş bilen üpjünçilik edaralarynda bellige alnan, jemgyýetçilik işlerine ugradylan işsiz adamlar, eger olar bilen möhletli zähmet şertnamasy baglaşylan we iş haky gurama tarapyndan

gönüden-göni işgärleriň özüne tölenýän bolsa, sanaw boýunça işgärleriň ortaça sanyna goşulýar;

3.1.8. doly däl iş wagty (doly däl iş güni ýa-da doly däl iş hepdesi) işlemek şerti bilen işe kabul edilen (işe geçirilen) adamlar sanaw boýunça işgärleriň ortaça sany hasaplanylanda işlenen wagta deň ölçegli hasaba alynýar.

Işgärleriň bu toparynyň ortaça sanyny hasaplamak iki usul bilen amala aşyrylyp bilner.

3.1.8.1. Birinji usul:

Şu işgärler tarapyndan işlenen adam-günleriň umumy sany kesgitlenýär, munuň üçin hasabat aýynda işlenen adam-günleriň umumy sany iş gününiň dowamlylygyna bölünýär:

- iş hepdesiniň dowamlylygy 40 sagat bolanda – 8 sagada (bäş günlük iş hepdesinde) ýa-da 6,67 sagada (alty günlük iş hepdesinde),
- iş hepdesiniň dowamlylygy 36 sagat bolanda – 7,2 sagada (bäş günlük iş hepdesinde) ýa-da 6 sagada (alty günlük iş hepdesinde),
- iş hepdesiniň dowamlylygy 24 sagat bolanda – 4,8 sagada (bäş günlük iş hepdesinde) ýa-da 4 sagada (alty günlük iş hepdesinde);

Soňra hasabat aýynda doly däl iş wagty işlänleriň ortaça sany kesgitlenýär, munuň üçin işlenen adam-günleriň sany hasabat aýynda senenama boýunça iş günleriniň sanyna bölünýär.

Rugsatda bolnan, işe çykylmadyk günlerde (senenama boýunça iş günlerine gabat gelýän günlerde) işlenen adam-sagatlarynyň sany şertli ýagdaýda ozalky iş güni boýunça goşulýar (işlenen adam-sagatlarynyň sanyny hasaba almak üçin kabul edilen usulyýetden tapawutlylykda).

3.1.8.2. Ikinji (ýönekeýleşdirilen) usul.

Hasaplamagyň bu usuly aýry-aýry işgärleriň doly däl iş wagtynyň 4 sagada deň bolan guramalarda ulanylyp bilner. Şu ýagdaýda işgärler her iş gününde 0,5 adam hökmünde hasaba alynýar.

Mysal üçin, sentýabr aýynda işgärler B.Ataýew – 22 iş güni, D.Myradow – 10, A.Çaryýew – 5 iş güni işläpdirler. Doly işlemedik işgärleriň ortaça sany 0,8 adama deň bolupdyr (0,5x22 +0,5x10 +0,5x5): senbýabrda 22 iş güni.

3.2. Kanunçylyga laýyklykda olar üçin iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenýän işde işleýän sanaw boýunça işgärleriň ortaça sanynda bütin birlikler hökmünde hasaba alynýar;

3.3. Ministrlikler, pudak edaralary we beýleki hojalyk subýektleri bilen oba hojalyk önümlerini daşamak we hasyl ýygnalýan wagtynda hyzmat etmek boýunça baglaşylan şertnamalara laýyklykda iş saparlaryna ugradylan işgärler (awtomobilleriň sürüjileri, abatlamak boýunça işgärler, mehanikler, awtokolonnalaryň başlyklary, awtomobil hojalygynyň dispetçerleri, traktorçy-maşinistler we beýleki mehanizatorlar) şu şertnamanyň hereket edýän döwrüniň dowamynda her senenama gününde bütin birlikler hökmünde hasaba alynýar.

3.4. Ortaça iş hakyny hasaplamak üçin işgärleriň hakyky sanyna öýünde işleýänlere aýda hasaplanan zähmet haky gaznasyny esasy işde işleýän bir işgäriň hasabat aýyndaky ortaça aýlyk iş hakyna bölmek arkaly hasaplanyp çykarylan öýünde işleýänleriň sany goşulýar.

3.5. Doly aý, doly çärýek, doly bir ýyl işlemedik kärhanalar boýunça işgärleriň ortaça iş hakyny hasaplamak üçin hakyky sanyny hasaplap çykarmak 2.5.2., 2.5.4., 2.5.7 bentlerde beýan edilen hasaplamalara meňzeşdir.

## 4. Sanawyň düzüminde bolmadyk işgärleriň sany

Sanawyň düzüminde bolmadyk işgärleriň sanyna şular girýär:

– beýleki hojalyk subýektlerinde utgaşdyryp işlemek boýunça işe kabul edilen işgärler (daşyndan utgaşdyryp işleýänler);

– raýat-hukuk häsiýetli şertnama baglaşanlar.

4.1. Daşyndan utgaşdyryp işleýänleriň ortaça sany şu Gollanmanyň 3.1.8.1. ýa-da 3.1.8.2. bentlerine laýyklykda, doly däl iş wagtyny işlän adamlaryň ortaça sanyny kesgitlemegiň tertibine laýyklykda hasaplanyp çykarylýar.

4.2. Bir hojalyk subýektiniň çäklerinde (aýrybaşgalanan birlikleri goşmak bilen) içerki utgaşdyryjy hökmünde resmileşdirilen ýa-da bir hojalyk subýektde (aýrybaşgalanan birlikleri goşmak bilen) bir stawkadan ýokary hak alýan işgär daşarky utgaşdyryjylary ortaça sanawyna goşulmaýar.

4.3. Göwrelilik we çaga dogranlygy boýunça rugsatda bolýanlar, şeýle hem çaga seretmek boýunça rugsatda bolýanlar daşarky utgaşdyryjylaryň ortaça sanawyna goşulmaýar;

4.4. Raýat-hukuk häsiýetli şertnama boýunça işleri ýerine ýetiren işgärleriň ortaça sany şu Gollanmanyň 2.5 bendine laýyklykda, döwürde sanaw boýunça ortaça sanyny kesgitlemegiň usulyýeti boýunça hasaplanyp çykarylýar. Bu raýatlar şu şertnamanyň dowam edýän döwrüniň dowamynda her senenama güni bütin birlik hökmünde hasaba alynýar.

4.5. Raýat-hukuk häsiýetli şertnama boýunça işleri ýerine ýetiren işgärleriň ortaça sany ýylyň başyndan bäri döwür we bir ýyl üçin ýylyň başyndan bäri geçen ähli aýlaryň ortaça sanyny goşmak we alnan jemi aýlaryň degişli sanyna bölmek ýoly bilen kesgitlenýär.

4.6. Döwlet statistik hasabat formalarynda şu görkeziji boýunça meselesi işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek bolup durýan raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleri ýerine ýetiren işgärleriň sany görkezilýär, eger ýerine ýetirilen işler üçin hasaplaşyklar gurama tarapyndan ýuridik şahslar we fiziki şahslar bolup duran – edara görnüşindäki tarap döretmedik hususy telekeçiler bilen däl-de, fiziki şahslar bilen geçirilen bolsa.

4.7. Raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleri ýerine ýetiren işgärleriň ortaça sanyna şular goşulmaýar: hojalyk subýektiniň (aýrybaşgalan birligi goşmak bilen) sanaw düzüminde durýan we şol hojalyk subýektinde (aýrybaşgalanan hojalyk birligini goşmak bilen) işleri ýerine ýetirmek üçin raýat-hukuk şertnamasyny baglaşanlar; fiziki şahslar bolup duran – ýuridik şahsy döretmedik hususy telekeçiler; intellektual eýeçilik obýektlerini döretmek üçin raýat-hukuk häsiýetli şertnama baglaşan adamlar.

## 5. Işgärleriň hereketi we iş orunlary

Döwlet statistik hasabat formalarynda işgärleriň hereketini – işgärleriň işe kabul edilişini we işden çykarylyşyny häsiýetlendirýän görkezijiler görkezilýär, olar degişli döwürde sanaw boýunça işgärleriň sanynyň üýtgeýşini häsiýetlendirýärler.

5.1. Kabil edilen işgärleriň sanyna hasabat döwründe işe kabul etmek hakyndaky buýruk bilen işe alnan adamlar, şeýle hem önümçiligiň durkuny täzelemegiň, giňeltmegiň, çalşyk sanynyň artmagy we ş.m. netijesinde täze (açylan) iş orunlaryna kabul edilen işgärler goşulýar.

5.2. Täze (açylan) iş orunlaryna kabul edilen işgärleriň sanynda şu işgärler hasaba alynmaýar:

5.2.1. şu ýerlere kärhananyň beýleki birliklerinden geçirilen işgärler;

5.2.2. geçen möwsümde-de bar bolan iş orunlaryna ýa-da ykdysady ýa-da beýleki sebäpler bilen bagly haýsydyr belli bir döwürde her ýylda ýerine ýetirilýän işlere kabul edilen işgärler;

5.2.3. şu täze (açylan) iş orunlaryna ozal kabul edilen işgärler işden çykarylandan (başga ýere işe geçirilenden) soň boş iş orunlaryna kabul edilen işgärler;

5.2.4. hojalyk subýektini üýtgedip guramak bilen bagly kabul edilen (geçirilen), şeýle hem enjamlar, jaýlar we şoňa meňzeş zatlar bir hojalyk subýektinden beýlekisine berlende kabul edilen (geçirilen) işgärler.

5.3. Işden çykarylanlaryň sanyna işden çykmagyň Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 39-njy maddasynda göz öňünde tutulan esaslaryna garamazdan, işden giden we degişli buýruk bilen resmileşdirilen işgärleriň ählisi goşulýar.

5.4. Eger işgär hasabat döwrüniň iň soňky güni işden çykan bolsa (şol gün onuň üçin iň soňky iş güni bolýar), onda kadadan çykma tertibinde işden çykan işgärleriň arasynda hem, işgärleriň şol günki sanynyň sanawynda hem hasaba alynmalydyr.

5.5. Işe kabul edilen işden çykarylan işgärleriň sanyna şular goşulmaýar:

5.5.1. daşyndan utgaşdyryp işleýänler;

5.5.2. raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işi ýerine ýetiren işgärler;

5.5.3. bir guramanyň çäklerinde (aýrybaşgalanan birligi goşmak bilen) başga işe geçirilen işgärler;

5.5.4. döwlet guramalary bilen işçi güýjüni bermek üçin ýörite şertnamalara laýyklykda guramada işlemäge çekilen işgärler (harby gullukçylar we azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çekýän adamlar);

5.5.5. iş bilen üpjünçilik edaralaryndan bellige alnan, jemgyýetçilik işlerine ugradylan işsiz adamlar.

5.6. Zähmet işiniň barşynda işgärleriň hemişelik ýa-da wagtlaýyn bolýan ýeri iş orunlary bolup durýar.

5.7. Iş bilen üpjünçilik statistikasynda iş ýerleriniň sany işgärleriň hakyky sany we boş iş orunlary bilen aňladylýar.

5.8. Boş iş orunlarynyň sany, olaryň iş bilen doly üpjün edilen şertinde, hojalyk subýektine gerek bolan işgärleriň sany bilen aňladylýar.

5.9. Açylmagy göz öňünde tutulýan iş orunlarynyň sany önümçiligiň durkuny täzelemegiň, giňeltmegiň, çalşyk sanyny artdyrmagyň we ş.m. netijesinde täze döredilen iş orunlaryna kabul edilip bilinjek işgärleriň sany bilen aňladylýar.

5.10. Täze döredilen hojalyk subýektleri ähli işgärleriň sanyny täze (işe girizilen) iş orunlaryna kabul edilen işgärleriň sany hökmünde görkezýärler.

## 6. Iş wagtyny peýdalanmak

6.1. Döwlet statistik hasabat formalary doldurylanda iş wagty diýlip işgäriň onuň dowamynda hakykatdan işi ýerine ýetiren iş wagtyna düşünilýär.

6.2. Iş wagtyndan peýdalanmagyň görkezijileri işgärleriň iş wagtyny peýdalanyşy barada hasaba alnan maglumatlaryň esasynda doldurylýar.

6.3. Işlenen adam-sagatlaryň möçberine esasy iş ýerinde (wezipesinde) hem, şol guramada utgaşdyrýan işinde hem iş wagtyndan artyk işlenen we dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günleri işlenen wagty hasaba almak bilen, işgärleriň hakyky işlän sagatlary, şol sanda iş saparynda bolýan döwürleri goşulýar.

6.4. Işlenen adam-sagatlaryna şular goşulmaýar:

– işgärleriň her ýylky esasy, goşmaça we durmuş rugsatlarynda, iş haky tölenilmeýän rugsatda bolýan wagtlary;

– wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri;

– çalşygyň içinde boş durulýan wagt;

– işde eneleriň çagany naharlamak üçin arakesmeleri;

– 18 ýaşamadyk işgärleriň işiniň dowamlylygynyň gysgaldylan sagatlary;

– olaryň iş hakynyň saklanyp galandygyna ýa-da galmandygyna garamazdan, işgärleriň işde bolmadyk beýleki ýagdaýlary.

6.5. Işlenen adam-sagatlaryň ortaça mukdary işgärler tarapyndan işlenen adam-sagatlaryň umumy möçberini şol döwürde işgärleriň degişli toparynyň ortaça sanyna bölmek bilen hasaplanyp çykarylýar.

6.6. Berlen iş haky tölenilmeýän rugsatlaryň adam-günleriň sany hasabat döwründe şunuň ýaly rugsatda bolan her işgäriň rugsatda bolan günleriniň (dynç günlerini, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerini goşmazdan) jemi hökmünde kesgitlenýär.

## 7. Iş haky

7.1. «Iş haky» düşünjesi iş haklarynyň we durmuş tölegleriniň pul ýa-da natural görnüşde hasaplanyp ýazylan ähli görnüşlerini (maliýeleşdirmegiň çeşmelerine garamazdan), şol sanda kanunçylyga laýyklykda işgärlere işlenmedik wagt üçin (hak tölenýän rugsatlaryň ähli görnüşleri we ş.m.) hasaplanyp ýazylan pul möçberini öz içine alýar.

7.2. Zähmet boýunça döwlet statistik hasabat formalary doldurylanda olaryň töleg çeşmelerine, olar boýunça işgärlere iş haky boýunça hasaplaşyklar geçirilýän töleg resminamalaryna laýyklykda maddalara we çykdajy sanawlaryna garamazdan, olaryň hakyky tölenen wagtyna garamazdan, hasabat döwründe hasaplanyp ýazylan pul möçberileri hasaba alynýar.

7.3. Daşary ýurt pulunda hasaplanyp ýazylan iş haky hasabata milli pulda, amalyň geçirilen senesinde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän hümmeti boýunça daşary ýurt puluny gaýtadan hasaplamak arkaly bilen kesgitlenen möçberde goşulýar.

7.4. Hak tölenýän rugsat üçin hasaplanyp ýazylan pul möçberleri hasabat aýynda diňe şol aýda rugsat günlerine düşýän pul möçberinde görkezilýär. Geljek aýda şu rugsat günlerine degişli pul möçberleri, degişlilikde, geljek aýyň hasabyna goşulýar.

7.5. Peýdalanylmadyk rugsat üçin hasaplanyp ýazylan pul möçberleri, geçen aýlar üçin gaýtadan hasaplamalar hasabat döwründe ýylyň başyndan bäri sütünde hasaba alynýar.

7.6. Zähmet boýunça hasabatlar düzülende geçen ýylyň degişli döwrüniň iş haky baradaky maglumatlar şu ýylyň hasabat döwründe kabul edilen usulyýet boýunça hasaplanýar.

7.7. Iş haky natural görnüşde tölenende we zähmet we durmuş ýeňillikleri berlende zähmet boýunça hasabatlara pul möçberleri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi kanunyna laýyklykda, bazar bahalary boýunça hasaplamalardan ugur alnyp goşulýar.

## 8. Iş haky gaznasy

Döwlet statistik hasabat formalarynda görkezilýän iş haky gaznasynyň düzümine şu tölegler goşulýar:

**8.1. Ýerine ýetirilen işler we işlenen wagt üçin iş haky:**

8.1.1. işgärlere tarif möçberleri boýunça hasaplanyp ýazylan iş haky we işlenen wagt üçin aýlyk iş haky;

8.1.2. potrat nyrhlary boýunça ýerine ýetirilen iş (işlenen wagt) üçin hasaplanyp ýazylan iş haky, önümleri satmakdan (işleri ýerine ýetirmekden, hyzmat etmekden) alnan girdejiniň göterimlerinde, peýdadan alnan paýlarda;

8.1.3. zähmet, iş bilen üpjünçilik we durmuş taýdan goramak boýunça edaralarda bellige alnan, jemgyýetçilik işlerine ugradylan işsiz adamlara hasaplanyp ýazylan iş haky, eger olar bilen möhletli zähmet şertnamasy baglaşylan we iş haky gurama tarapyndan gönüden-göni işgärlere tölenýän bolsa;

8.1.4. bilim edaralarynyň guramada önümçilik tejribesini geçýän döwürlerinde iş ýerlerine işe kabul edilen talyplarynyň we okuwçylarynyň iş haky, eger ýerine ýetirilen iş üçin hasaplaşyk gurama tarapyndan gönüden-göni talyplar we okuwçylar bilen geçirilýän bolsa;

8.1.5. bilim edaralarynyň we ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan esasy iş ýeri boýunça iş wagtynda ýerine ýetirilýän mugallymçylyk işi üçin iş haky;

8.1.6. alymlyk derejesi we atlary, hünär derejesi, ýokary derejeli çin, diplomatik derejesi, sürüjileriň derejesi, döwlet sylaglary we hormatly atlar we ş.m. üçin tarif stawkalaryna, aýlyk wezipe haklaryna goşmaça haklar;

8.1.7. natural töleg tertibinde berilýän önümiň gymmaty;

8.1.8. gazet, žurnallaryň redaksiýalarynyň we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň sanaw boýunça sanynda durýan işgärleriniň galam haky;

8.1.9. ozalky iş ýeri boýunça wezipe aýlyk haklarynyň möçberini belli bir döwrüň dowamynda saklap galmak bilen, beýleki guramalardan işe alnan işgärleriň aýlyk wezipe haklaryndaky tapawut; wagtlaýyn ýerine işlenende aýlyk wezipe haklaryndaky tapawut;

8.1.10. kärler we wezipeler utgaşdyrylandygy üçin Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 127-nji maddasyna laýyklykda bellenilýän, tarif möçberlerine aýlyk wezipe haklaryna goşmaça tölegler;

8.1.11. döwlet guramalary bilen işçi güýjüni bermek barada ýörite şertnamalara laýyklykda şu guramada işlemek üçin çekilen adamlara (harby gullukçylara, azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çekýän adamlara) ýerine ýetirilen iş üçin hasaplanyp ýazylan, gönüden-göni şol adamlara berlen hem-de döwlet guramalaryna geçirilen pul möçberleri;

8.1.12. işgär beýleki hemişelik ýa-da wagtlaýyn pes hak tölenýän işe geçirilen halatynda ozalky ortaça iş hakynyň derejesine ýetirmek üçin goşmaça töleg;

8.1.13. synpa ýolbaşçylyk edendigi, depderleri barlandygy üçin mugallymlara goşmaça töleg; işgär düzümine wezipe birligini girizmegiň ýerine professor-mugallymlar düzüminden bolan adamlara gurluş birliklerine ýolbaşçylyk edendikleri üçin goşmaça töleg we bilim edaralarynda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan beýleki goşmaça tölegler;

8.1.14. oba hojalyk önümlerini öndürmekde we ministrliklere, pudak edaralaryna, kärhanalara we guramalara berkidilen ýerlerde ýer gurluşygy boýunça hemişelik iş alyp barýan adamlara iş hakyny tölemek statistik hasabatlylykda aýratyn hasaba alynýar;

8.1.16. işiň düzgüni we zähmet şertleri bilen baglanyşykly tölegler:

8.1.16.1. zähmetiň aýratyn (zyýanly we howply (aýratyn zyýanly we aýratyn howply)) şertlerinde işleýän işgärleriň tarif stawkalaryna goşmaça hak tölemek;

8.1.16.2. gijeki wagtdaky işi üçin, şol sanda çalşykly iş düzgüninde goşmaça tölegler;

